# Ene hüwdüsi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ene hüwdüsi ENE HÜWDÜSI



Suraty çeken O. ÇERKEZOWA.

Gundagda gursagma guýulan gurşun,

Ene hüwdüsi.
Owalda-ahyrda ganymy urşuñ,
Ene hüwdüsi.
Öýümde ojagym, barymda bossan,
Ene hüwdüsi.
Begensem, buýsanjym, gyýylsam gussam,
Ene hüwdüsi.

Dulumda saçagym, ajyksam aşym,
Ene hüwdüsi.
Ýerdäki arzuwym, gökdäki guşum,
Ene hüwdüsi.

Baýyrlarda bulak, daglarda çeşme,
Ene hüwdüsi.
Ynsan ogly saña ömürlik teşne,
Ene hüwdüsi.

Ýeriñ göbeginden çykýar ýarylyp,
Ene hüwdüsi.
Bu ýagty jahanda baky dirilik,
Ene hüwdüsi.

▶ MIRAS

Atamyñ jonnuk gyljy,
Kakamyñ çep gulak pili.
Durlar olar atam, kakam,
Duran ýaly baky diri.

Ak öýi enem pahyryñ,
Ýüwrüp dokan halyçasy.
Kyn günlerde ejem janyñ,
Egne geýen alaçasy.

Uruşdan gaýdyp gelmedik,
Agamyñ çalan dutary.
Hem onuñ esger eşikli,
Ýylgyryp duran suraty.

Yssy maňa barça zatdan,
Ähli zatdan eziz olar.
Ädimlermi ýalňyşdyryp
Basdyranok heniz olar.

Olar meniň geçmişim däl,
Olar meniň şu günlerim.
Egin deňläp dursa olar,
Çökmez asla eginlerim.

Ýüze sylyp şu zatlary
Alys ýola düşýän, ine.
Söýget olar dostlaryma,
Haýbat olar duşmanyma.

Ata TÄZEBAÝEW. Goşgular